Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň
2022-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda çykaran 292-iş belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermegiň düzgünlerini tassyklamak barada»**

2021-nji ýylyň 13-nji noýabrynda kabul edilen "Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermegiň düzgünlerini tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň degişli orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M. Serdarow**

Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministriniň
2022-nji ýylyň 21-nji sentýabrynda
çykaran 292-iş belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermegiň Düzgünleri

1. Şu Döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermegiň düzgünleri (mundan beýläk - Düzgünler) 2021-nji ýylyň 13-nji noýabrynda kabul edilen “Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň (mundan beýläk - Ministrlik) üstüne ýüklenen ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmek maksady bilen işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünler ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň (mundan beýläk – Edaralar) garamagyndaky döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermegiň düzgünlerini kesgitleýär.

3. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) ynançly dolandyrmak – bu dolandyrmagyň usuly bolup, oňa laýyklykda eýeçiligiň eýesi ynançly dolandyryjy bilen döwlet emlägini ynançly dolandyrmak hakynda şertnama baglaşýar;

2) eýeçiligiň eýesi – döwletiň adyndan ynançly dolandyrmak şertnamasynyň bir tarapy bolup çykyş edýän, ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy, şeýle hem oňa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarlylandyrylan beýleki edaralar (guramalar);

3) ynançly dolandyryjy – döwlet emlägini ynançly dolandyrmagy amala aşyrýan we ynançly dolandyrmak hakynda şertnama laýyklykda bu emläk babatynda eýeçiligiň eýesiniň ýa-da onuň görkezen şahsynyň (bähbit görüjiniň) bähbitleri üçin islendik hukuk we hakyky hereketleri amala aşyrýan ýuridik şahs (esaslyk maýasynyň 50 göteriminden ýokary paýy döwlete degişli bolan ýuridik şahsdan başga);

4) ynançly dolandyrmak hakynda şertnama (mundan beýläk – şertnama) – bu taraplaryň ylalaşygy bolup, oňa laýyklykda eýeçiligiň eýesi döwletiň emlägini ynançly dolandyryja belli bir möhlete ynançly dolandyrmak üçin berýär, ynançly dolandyryjy bolsa, eýeçiligiň eýesiniň ýa-da onuň görkezen şahsynyň (bähbit görüjiniň) bähbitleri üçin döwlet emlägini dolandyrmaga borçlanýar;

5) döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga bermek – şertnamada bellenilen şertlerde bäsleşik ýa-da göni (salgyly) bermek usulynda döwlet emläginiň ynançly dolandyryja berilmegi;

6) göni (salgyly) bermek – şertnamada bellenilen şertlerde, bäsleşik geçirmezden, döwlet emlägini anyk şahsa ynançly dolandyrmaga bermegiň usuly.

4. Döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermek Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

5. Edaralar döwlet emlägini ynançly dolandyrmak babatynda öz garamagyndaky döwlet emläginiň ynançly dolandyrylmagynyň maksadalaýyklygyny esaslandyryp, ony Ynançly dolandyrmaga degişli döwlet emläginiň sanawyna goşmak hakynda Ministrlige ýüz tutýarlar.

Ministrlik tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp, Ynançly dolandyrmaga degişli döwlet emläginiň sanawy tassyklanylýar we bu barada Edaralara ýazmaça görnüşinde habar berilýär.

6. Ministrlik Edaralaryň göni (salgyly) ynançly dolandyrmaga hödürlän döwlet emlägini Ynançly dolandyrmaga degişli döwlet emläginiň sanawyna goşmakdan şu aşakdaky halatlarda ýüz dönderýär:

1) ynançly dolandyrmaga hödürlenýän emlägiň döwletiň emlägine degişli däl bolsa;

2) berlen maglumatlar şu Düzgünlere, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryna laýyk gelmese hem-de maglumatlarda ýalňyşlyklar ýüze çykarylan ýa-da şol maglumatlarda nätakyklar ýüze çykarylan halatynda.

7. Ministrlik tarapyndan Edaralaryň ynançly dolandyrmaga hödürlän döwlet emlägini Ynançly dolandyrmaga degişli döwlet emläginiň sanawyna goşmakdan ýüz dönderilen ýagdaýynda, bu barada Edaralara 2 (iki) iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşinde habar berilýär.

8. Döwlet emläginiň ynançly dolandyrmaga berilmegi üçin ynançly dolandyryjy:

1) soňky iki ýylyň dowamynda peýda gazanyp işleýän bolmalydyr;

2) Döwlet býujetine we karz edaralaryna karz boýunça möhleti geçen bergileri bolmaly däldir.

9. Döwlet emlägi:

1) emläk toplumy görnüşinde berlende döwlet emlägi ynançly dolandyrylýan wagtynda ynançly dolandyryjy tarapyndan ýetirilip bilinjek ýitgileriň öwezini dolmak üçin ynançly dolandyryjynyň berilýän döwlet emläginiň bazar bahasynyň elli göteriminden az bolmadyk möçberdäki aktiwleri bolmalydyr;

2) hojalyk we paýdarlar jemgyýetleriniň paýlary we paýnamalary görnüşinde berlende ynançly dolandyryjynyň maýa goýum aktiwlerini üstünlikli dolandyrmak tejribesi (azyndan üç mysal) ýa-da maýa goýum aktiwlerini dolandyryjy kärhana hökmünde tejribesi bolmalydyr we şular ýaly mysallar boýunça maglumatlary köpçülik üçin açmaga taýýar bolmalydyr.

10. Edaralar garamagyndaky Ynançly dolandyrmaga degişli döwlet emläginiň sanawyna goşulan döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) berilmegi üçin, Edaralara ýüz tutýan ýuridik şahslaryň şu Düzgünleriň sekizinji böleginde bellenilen döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga bermek üçin ynançly dolandyryja bildirilýän esasy talaplaryna laýyk gelýändigini seljerip, bu döwlet emläginiň ynançly dolandyrylmagynyň maksadalaýyklygyny esaslandyryp, ony Ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) berilmegi üçin Ministrlige ýüz tutýarlar.

11. Ministrlik Edaralardan olaryň döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga bermek boýunça işleri barada şu maglumatlary özünde jemleýän hasabatlary alýar:

1) ynançly dolandyrmaga berlen döwlet emläginiň düzümi we gymmaty;

2) şertnamanyň çäklerinde ynançly dolandyryjynyň işi bilen baglanyşykly maglumatlar;

3) döwlet emlägini ynançly dolandyrmagyň obýekti kärhana bolup durýan ýagdaýynda – şol kärhananyň maliýe-hojalyk işleri boýunça maglumatlary.

12. Şu Düzgünleriň on birinji bölegine laýyklykda hödürlenen maglumatlaryň dolulygy hem-de dogrulygy bu maglumatlaryň hödürlenen gününden başlap 7 (ýedi) iş gününiň dowamynda Ministrligiň degişli bölümi tarapyndan barlanylýar.

13. Şu Düzgünleriň on birinji bölegine laýyklykda hödürlenen maglumatlar talabalaýyk bolan ýagdaýynda, Ministrlik tarapyndan döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) berilmegini ylalaşmak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine teklip iberilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ylalaşylandan soň, Edaralar Ministrlik bilen bilelikde öz garamagyndaky döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermek boýunça degişli Türkmenistanyň Prezidentiniň namasynyň taslamasyny işläp taýýarlaýarlar hem-de kanunçylykda bellenilen tertipde tassyklanylmagy üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine iberýärler.

14. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan döwlet emlägini ynançly dolandyrmaga göni (salgyly) bermek barada çözgüt kabul edilenden soň, Edaralar bilen ynançly dolandyryjynyň arasynda ýazmaça görnüşde şertnama baglaşylýar.

15. Ynançly dolandyryjy, eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şertnama güýje giren pursatyndan döwlet emlägini dolandyrmaga girişýär. Şertnama 5 (bäş) ýyldan köp bolmadyk möhlete baglaşylýar. Ynançly dolandyryjy tarapyndan döwlet emlägini netijeli dolandyrmak maksady bilen uly möçberde maýa goýum goýlan ýagdaýynda şertnama 10 (on) ýyldan köp bolmadyk möhlete baglaşylyp bilner. Şunda maýa goýumyň möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen kesgitlenilýär.

16. Şu Düzgünleriň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2022-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda 1656 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.